# Ýalan, ýalan, ýalan!

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýalan, ýalan, ýalan! ÝALAN, ÝALAN, ÝALAN!

***«Eý möminler! Neçün etmedik işleriñizi etdik diýip aýdýarsyñyz? Etmejek işiñizi aýtmak Allanyñ gatynda halanylmaýar».***
***«Gurhan».***

Allanyñ Resulyna salawat we salam bolsun, bir gün sorapdyrlar:
– Musulman husyt bolup bilermi?
– Hawa, bolup biler.
– Ýalta bolup bilermi?
– Hawa, bolup biler.
– Eýse, ýalançy bolup bilermi?
– Ýok, asla bolup bilmez!
Bu hadys bize Ahmet ibn Muhammet ibn Ahmetden, oña Ahmet ibn Seýitden, oña Ubeýdulla ibn Ýahýadan, oña kakasyndan, onuñ kakasyna Mälik ibn Enesden, oña-da Safwan ibn Süleýmden rowaýat edilipdir.
Hut şolar ýaly rawylar zynjyry arkaly rowaýat edilen başga bir hadysda Allanyñ Resuly (s.a.w) şeýle diýipdir:
– Ýalanda haýyr we gowulyk ýok.
Mälik ibn Enesden gaýdýan rawylar zynjyry arkaly aýdylýan ýene bir hadysda, ol hem Ibni Abbasdan rowaýat edip şeýle diýipdir:
– Adam ýalan sözlemegi pişe edinse, onuñ kalbynda gara tegmiller emele geler, şeýdibem onuñ kalby ymykly garalar we Allanyñ nezdine onuñ ady ýalançylaryñ hataryna ýazylar.
Ibni Mesutda-da şeýle hadys bar:
– Dogrulykdan aýrylmañ. Çünki dogrulyk gowulyga, gowulygam jennete äkidýär. Ýalandan saklanyñ. Çünki ýalan pyssy-pyjurlyga, pyssy-pyjurlygam jähenneme äkidýär.
Ýene bir hadysda şeýle diýilýär: Bir adam Pygamberimiziñ ýanyna gelip, şeýle diýipdir:
– Ýa Resulalla! Meniñ üç pişäm bar: içgi, zyna we ýalan. Indi

maña aýt, men şularyñ haýsysyny taşlaýyn?
Allanyñ Resuly (s.a.w):
– Ýalany taşla – diýip jogap beripdir.
Şondan soñ ol adam öz ýoluna gidipdir. Biraz wagt geçensoñ onuñ zyna edesi gelipdir. Emma bir pursat oýlanyp, öz-özüne: «Ýene bir gün pygamberiñ huzuryna gitmeli bolaryn. Şonda ol maña zyna edip-etmändigimi sorar. Menem edendigimi boýun alsam, zynanyñ jezasyny berer. «Ýok, edemok» diýsemem ýalan sözledigim bolar» diýdi.
Şeýdibem ol zynadan el çekdi. Içgi babatda-da şeýle ýagdaý gaýtalandy. Soñra ol bir gün Pygamberiniziñ (s.a.w) huzuryna gitdi:
– Eý Allanyñ Resuly, hemmesini taşlandyryn! Hakykatdanam, ýalan hemme erbetlikleriñ sakasy, ol hemme ýaramaz gylyklary, Eziz we Jelil bolan Allatagalanyñ lagnatyny öz içine alýan eken.

* * *

## ■ Ýalan barada aýdylan sözlerden:

«Ynam edip bolmaýan adamyñ imany ýokdur». (Hezreti Ebu Bekir).

«Ýalandan we hyýanatdan başga ähli ýaramaz gylyklar adamyñ tebigatynda bardyr» (Ibni Mesut)*

---

* Ibni Hazm / «Gögerçin gerdanlygy»

Ryza Tekin UGUREL. Pedagogika we edep-terbiýe